## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

### 1522 «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglamak hakynda

Beýik ösüşleri bilen dünýä ýaň salýan ata Watanymyz Türkmenistan mähriban halkymyzyň döredijilikli zähmeti bilen beýik Garaşsyzlygynyň 20 ýyllyk şanly baýramyny ähli ugurlarda ägirt uly üstünlikler gazanyp, has belent sepgitlere ýetmek arkaly garşylaýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda berkarar döwletimizde asyrlara barabar işler amala aşyryldy.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda, ylym-bilim, medeniýet we sungat, saglygy goraýyş ulgamlarynda, hukuk, demokratik we dünýewi döwleti hem-de raýat jemgyýetini berkarar etmekde, hemişelik Bitarap döwletimiziň halkara abraýyny ýokarlandyrmakda, bütin dünýäniň ýurtlary we halklary bilen dost-doganlyk hem-de hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmekde we giňeltmekde uly üstünlikler gazanyldy.

Täze galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda berkarar döwletimiz hemmetaraplaýyn ösýän, has ýokary belentliklere göterilýän, mähriban halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuş baradaky ähli umyt-arzuwlarynyň doly hasyl bolýan ýurduna öwrüldi. Biziň öňe süren «Döwlet adam üçindir!» diýen syýasatymyz ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Mähriban Watanymyzy durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk--de ösdürmek, kämil innowasion tehnologiýalary önümçilige giňden ornaşdyrmak, halkymyzyň hal-ýagdaýyny has-da ýokarlandyrmak boýunça öňümizde duran belent wezipeleri amala aşyryp, şeýle guwandyryjy netijeleri gazanmakda, belent sepgitlere ýetmekde özüniň halal we döredijilikli, yhlasly hem-de tutanýerli zähmeti bilen eziz Diýarymyzyň gülläp ösmegine, döwlet ähmiýetli we il-ýurt bähbitli, giň gerimli maksatnamalarymyzy üstünlikli ýerine ýetirmäge mynasyp goşantlaryny goşýan watandaşlarymyzyň her biriniň uly paýy bardyr.

Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň ykdysady kuwwatynyň pugtalanmagyna, medeniýetiniň, sungatynyň, ylmyň we bilimiň, saglygy goraýşyň, bedenterbiýäniň we sportuň, beýleki ähli pudaklaryň ösmegine, ýaş nesliň ata Watanymyza söýgi, wepalylyk, mertlik, halallyk ruhunda terbiýelenmegine, mähriban ýurdumyzyň dünýä ýüzündäki halkara abraýynyň ýokarlanmagyna, kanunçylygyň berkidilmegine goşan uly şahsy goşantlary üçin, Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny we özygtyýarlylygyny berkitmek ugrunda köp ýyllaryň dowamynda çeken halal zähmetini, önjeýli döwlet we jemgyýetçilik işini hem-de döwletimiziň we halkymyzyň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlaryny, ýokary hünär ussatlygyny, gazanan ajaýyp üstünliklerini nazarda tutup, şeýle hem Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllyk şanly baýramy mynasybetli, **karar edýärin:**



**Ýurdumyzyň şu raýatlaryny «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglamaly:**

Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy **Akja Täjiýewna Nurberdiýewany;**

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary **Annamuhammet Mätiýewiç Goçyýewi;**

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary **Orazmyrat Gurbannazarowy;**

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary **Baýmyrat Geldimyradowiç Hojamuhammedowy;**

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary Daşary işler ministri **Raşid Öwezgeldiýewiç Meredowy;**

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary Ylymlar akademiýasynyň prezidenti **Gurbanmyrat Amangulyýewiç Mezilowy;**

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň Iş Dolandyryjysy **Hojamuhammet Muhammedowy;**

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary **Mämmetnyýaz Öwezowiç Nurmämmedowy;**

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň gurluşyk boýunça Orunbasary **Derýageldi Nuryýewiç Orazowy;**

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary **Nazarguly Şagulyýewi;**

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary **Maýsa Meredowna Ýazmuhammedowany;**

* * *

Ahal welaýatynyň häkimi **Daňmyrat Myratberdiýewi;**

Balkan welaýatynyň häkimi **Satlyk Baýjanowiç Satlykowy;**

Daşoguz welaýatynyň häkimi **Esenmyrat Orazgeldiýewi;**

Lebap welaýatynyň häkimi **Ýagşymyrat Ýaýylowy;**

Mary welaýatynyň häkimi **Kakageldi Isaýewiç Gurbanowy;**

Aşgabat şäheriniň häkimi **Şamuhammet Durdylyýewi;**

* * *

Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň Başlygynyň orunbasary **Myrat Orazgulyýewiç Garryýewi;**

Türkmenistanda Saýlawlary we sala salyşyklary geçirmek baradaky merkezi toparyň başlygy **Orazmyrat Nyýazmyradowiç Nyýazlyýewi;**

Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy **Batyr Taganowiç Atdaýewi;**

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Nebitgaz serişdelerini dolandyrmak we peýdalanmak baradaky döwlet agentliginiň direktory **Ýagşygeldi Elýasowiç Kakaýewi;**